# Gije hem gündiz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gije hem gündiz GIJE HEM GÜNDIZ




Irden daňyň atyşyna,
Agşam günüň batyşyna,
Düşünemok men bularyň,
Bir-birinden gaçyşyna.
Gije gündizi gözleýär,
Gündiz gijäni gözleýär.
Bir-birinden daş gitmäge,
Olaň ikisem dözmeýär.

Gije aýry, gündiz aýry,
Bir-birine garyşmaýar.
Gaçyp, kowup ýörseler-de,
Bir salym dynç alyşmaýar.

Gije köp zatlar gizleýär,

Aýly agşam ýşygyna.
Gündiziň ähli syrlary,
Sygmaýar öz gysymyna.

Gijäniň pynhan syrlary,
Diňe gijä aýan bolýar.
Pikrim, syrym jemläp bilmän,
Bu gijäm hem tamam bolýar.

Muhammetmyrat MEREDOW. Goşgular